# Boýy ýasemin

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Boýy ýasemin BOÝY ÝASEMIN



Eý nutky-janfeza lebi-lagly şeker-şiken,
Husnuñ bahary seniñ güller açypdyr çemen,
Kaddyñ nahaly serwdir, ýüzüñ şemgy-enjimen,
Eý agzy gunça, çehresi gül, hatlary semen,
Zülpi benewşe, husny çemen, boýy-ýasemin.
Haý-haý ne düşmüş aryzyn, üze nuktaýy-hal,
Bagtym ýüzüni kyldy gara, göz ýaşymny al,
Uzra uzaru-syýp zenehdan sen, melek mysal,
Sahyp jemalu-ähli-kemal sen, şeker makal,
Ýusup sypatly, Isa nepes wejhile hasan.

Terk ertdim, eý senem, gamy-yşkyñda namy-neñ,
Gelgen imesdir, jahanga bir seniñ dek but pereñ,
Messana gözli, aý-kuýaş ýüzli, bir şowh-u şeñ,
Eý köñli señ sen adaty jeñ sen, eý peleñ,
Näz eýlebän kereşme kylan, aşyk öldüren.

Aýp eýledim, lebiñni sorup, janny bermedim,
Magzur tut ki, telbe idim özümni bilmedim,
Tutdy pyrak ysytmasy, çoh badalar diledim,
Ýok-ýok galat diýdim, hata aýtdym, giç añladym,
Işi wepa, köñli sapa ol aşygyn söýen.

Tün-gün işim erdi meniñ jüstijuýy döwlet,
Ýetgirdi dañ nesimi damakga buýy döwlet,
Biçäre Andalyba watan boldy küýi döwlet,
Az eýledi habyp şikaýat zyhoýy döwlet,
Dert, beladan ynjamasyn aşygym diýibän.

■ ÝARNYÑ PYRAGY

Istäp ýörür men Şam-u Yragy,
Tapmadym asla ýardan soragy,
Ýandyrdy janym çoh iştiýagy,
Müşgül ekendir ýarnyñ pyragy.

Daýym säherler ahy-pyganym,
Ýakdy pelekni çykmady janym,
Hany meniñ ol sahypkyranym,

Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Jan-u dilimge otlarny ýakdy,
Gözlerde ýaşym gan bolup akdy,
Düýdi-ahyny boýnumga dakdy,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Ýarny soraglap kaýdan tapar men,
Otly ýürekge suwny seper men,
Gam gyljy birle başym çapar men,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Gördüm binäge gül deý ýüzüñni,
Gara gaşyñny, nerkes gözüñni,
Katga alar men şirin sözüñni,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Jan-u jigerler örtenedir, ýar,
Çünki ezelde boldum griftar,
Köñlüm hemişe yşkyñda bimar,
Köýdürdi, dostlar ýarnyñ pyragy.

Derde tebibim gaşymda durmaz,
Gähi geliban halymny sormaz,
Zahmy-dilimni bir kişi görmez,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Nala kylar men şam-u säherler,
Hijriñde boldum imdi galanlar,
Humary boldum men saky köwser,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Gitdi jenanym, bar ygtyýarym,
Bolmady hergiz köñlüm mylaýym,
Boldy garañky iki jahanym,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy.

Gitdim özümden ýolunda men hor,
Jan-u dilimden artykdyr ol ýar,

Köñli köwserdir, Andalyp efkar,
Köýdürdi, dostlar, ýarnyñ pyragy. Goşgular